THE ASHGABAT TIMES

# ABŞ Milli howpsuzlyk geňeşiniň Gmail bilen bagly dawanyň merkezinde garaldy

Ak tamyň Milli Howpsuzlyk Geňeşi (NSC), işgärleriniň, şol sanda milli howpsuzlyk geňeşçisi Maýkl Woltsyň, gulluk bilen bagly hat alyşmak üçin şahsy Gmail hasaplaryny ulanandygy belli bolansoň, dawanyň merkezinde galdy.

Bu barada The Washington Post gazeti hökümetdäki anonim çeşmelere we resminamalara salgylanmak bilen habar berdi. Neşire görä, Gmail arkaly harby operasiýalar we duýgur maglumatlar bilen bagly meseleler ara alnyp maslahatlaşylypdyr, bu bolsa kiberhowpsuzlyk boýunça ekspertleriň aladasyna sebäp bolupdyr.

Elektron poçta, aýratyn-da Gmail ýaly meşhur ulgamlary, gizlin maglumatlar üçin ygtybarly kanal hasap edilmeýär. Electronic Frontier Foundation-dan Ewa Galperiniň belleýşi ýaly, ýörite şifrleme bolmasa (meselem, GPG), hatlar serwerlerde, şol sanda Google-yň serwerlerinde ele alynyp bilner. Döwletiň zerurlyklary üçin adatça, JWICS ýaly gizlin maglumatlar bilen işlemek üçin niýetlenen goragly ulgamlardan peýdalanylýar. Şahsy hasaplaryň ulanylmagy wezipeli adamlaryň hat alyşmagyny arhiwlemek bilen bagly düzgünleri hem bozýar.

Dawa Maýkl Woltsyň ýakynda Yemende harby meýilnamalary maslahatlaşýan Signal söhbetdeşligine tötänleýin The Atlantic žurnalistini goşmagy bilen has-da güýçlendi. NSC-nyň wekili Braýan Hýuz Woltsyň Gmail arkaly gizlin maglumatlary ibermändigini we kanuna laýyklyk üçin gulluk salgysyny hem goşandygyny aýtdy.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026